**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2024-nji ýylyň 27-nji noýabryndaky**
**№ 65-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

# № 1-ýaşaýyş jaý gory "Ýaşaýyş jaý gory barada hasabat" (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça GOLLANMA

## Umumy düzgünler

1. № 1-ýaşaýyş jaý gory formasy boýunça hasabaty hasabat ýylyndan soňky ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna düzülýär we tabşyrylýar:

1. 1. Yaşaýyş jaý gory bolan häkimlikleriniň ýaşaýyş-ulanylyş edaralary, tehniki tükelleýiş edaralary (TTE), şeýle hem geňeşlikler, ähli döwlet hojalyk hasaplaşygyndaky we býujet kärhanalary, edaralary we guramalary, jemgyýetçilik we kooperatiw edaralar, daýhan birleşikler we beýleki oba hojalyk guramalary (ýa-da başga kärhanalardan, edaralardan, guramalardan kärendä alýan) ýanwaryň 25-ne çenli tabşyrýarlar:

a) ýerleşýän ýerindäki statistika edarasyna;
b) özünden ýokarda duryan edarasyna.

Başga ilatly ýerlerde ýaşaýyş jaý gory bolan kärhanalar №1-ýaşaýyş jaý gory forma boýunça her ilatly ýer üçin aýratyn hasabat taýýarlaýarlar we olary ýaşaýyş jaý gorunyň ýerleşýän ýeri boýunça ýerli statistik guramalaryna tabşyrýarlar.

2. №1-ýaşaýyş jaý gory "Ýaşaýyş jaý gory barada hasabat" statistik forma boýunça hasabaty öz ýaşaýyş jaý gory bolan (balansynda duran we balansynda dyrmaýan ýaşaýyş jaýlaryň ählisi boýunça hasabat tabşyrýan subýekte degişlisi) şeýle hem ýaşaýyş jaýlaryny hususylaşdyrýan kärhanalar, guramalar düzýär.

3. Oba jaýlaşdyrmasy we şäher jaýlaşdyrmasy boýunça aýratynlykda (şol sanda şäher, şäherçeler boýunça aýratynlykda) hasabaty düzýärler. Oba ýerlerinde geňeşlikler, öz garamagyndaky ähli oba ilatly ýerleri, şol sanda her bir oba üçin aýratyn hasabat berýär.

Hasabat düzülende 2 sahypanyň ýokarky böleginde ýaşaýyş jaý gorunyň ýerleşýän ýerine degişli koduň (şäher ýerleri üçin kod – 1; oba ýerleri üçin kod - 2) goýulmagyna üns berilýär.

Hasabatyň ähli görkezijileri ilkinji hasaba alynýan resminamalaryň: tehniki pasportlaryň, tükelleýiş kitaplaryň, bellige alyş kitaplaryň, öý hojalyk kitaplaryň, jaýyň gatlarynyň we olary ulanylyşynyň meýilnamalarynyň, otaglary kärendä alyjylaryň şahsy hasaplarynyň we beýleki resminamalaryň maglumatlary boýunça doldurylýar (mysal üçin, forma №8 "Geňeşligiň çäginde hemişelik hiç kim ýaşalmaýan ýa-da eýesiz ýaşaýyş jaýlaryň sanawy").

Jaýyň umumy we ýaşaýyş meýdanyny görkezilen resminamalarda ýok bolsa, onuň hakyky meýdanyny ölçemek arkaly kesgitlenilýär.

Maglumatlar formada görkezilen ölçeg birliklerinde görkezilmelidir.

4. Ýaşaýyş jaýlary (ýaşalýan ýer) uzak möhletleýin kärendä berlen (bir ýyldan köp bolan) kärendä alanyň hasabatynda, käbir raýatlara kärendä berlen bolsa tabşyrylan onuň degişli bolan kärhanasynyň hasabatynda görkezilýär.

Käbir raýatlardan kärendä alnan ýaşaýyş jaýlar hasabatda görkezilmeýär.

5. Käbir sebäplere görä (abatlandyryş, täzeden abzallaşdyryş we ş.m.), wagtlaýynça boş galan ýaşaýyş jaýlar ýa-da eýesi bolmadyk we otaglar, baraklar, pes bahaly ýerzemindäki

ýaşaýyş jaýlar, binalar (agaçdan gurlan gurnama we karkas jaýlar) şeýle-de ýaşaýyş üçin kärendä alnan meýdan hasabata goşulýar.

6. Daçalar (döwlet kärhanalaryna, edaralaryna we guramalaryna raýatlaryň şahsy eýeligine degişli düýpli ýerleşdirilen binalar), awçylaryň öýleri, sport we syýahat bazalary, moteller, kempingler, şypahanalar, dynç alyş öýleri, pansionatlar, gelen myhmanlar üçin öýler, myhmanhanalar, demir ýol kiçi wagony we dynç almak üçin möwsümleýin we wagtlaýyn ýaşamaga niýetlenilen beýleki jaýlar we otaglar raýatlaryň olarda ýaşaýan wagtynyň dowamlylygyna garamazdan, ýaşaýyş jaýynyň sanynda hasaba alynmaýar.

7. Esasy düşünjeler (Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksine laýyklykda - 2015-nji ýylyň 24-nji oktýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda):

Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän ýaşaýyş jaýlary, şeýle hem beýleki binalarda ýerleşen ýaşaýyş jaýlary **Türkmenistanyň ýaşaýyş jaý goruny** emele getirýär. Ýaşaýyş jaý goruna ýaşaýyş jaýlaryndaky söwda, durmuş we beýleki hajatlar üçin niýetlenen ýaşalmaýan jaýlar girmeýär.

Şu aşakdakylar ýaşaýyş jaýlaryna degişlidirler: ýaşaýyş jaýy, ýaşaýyş jaýynyň bir bölegi; öý, öýüň bir bölegi; otag.

**Ýaşaýyş jaýy** – bir ýa-da şondan köp öýden, şeýle hem köp öýli ýaşaýyş jaýyndaky umumy peýdalanylýan ýerlerden durýan özbaşdak kesgitlenen bina.

*Bir öýli ýaşaýyş jaýy* – bu bir maşgalanyň (öý hojalygynyň) ýaşamagy üçin niýetlenen aýratyn duran (özbaşdak) ýaşaýyş jaýy, ol bir ýaşaýyş binasyna ýa-da bir öýe laýyk gelýär.

*Iki öýli ýaşaýyş jaýy* – bu iki maşgalanyň (öý hojalygynyň) ýaşamagy üçin niýetlenen, iki öýden durýan bir ýaşaýyş binasydyr, ol iki ýaşaýyş binasyna ýa-da iki öýe laýyk gelýär.

**Öý** – onda raýatlaryň ýaşamagy bilen bagly olaryň durmuş we beýleki hajatlaryny kanagatlandyrmak üçin, şeýle hem köp öýli ýaşaýyş jaýlarynda umumy peýdalanylýan ýerlere göni barmaga mümkinçiligi üpjün edýän bir we şondan köp otaglardan hem-de kömekçi hökmünde peýdalanylýan jaýlardan durýan ýaşaýyş jaýyndaky gurluş düzüm taýdan aýrybaşgalanan ýaşalýan jaý.

**Otag** – diýlip ýaşaýyş jaýynda ýa-da öýde gös-göni ýaşalýan ýer hökmünde peýdalanmak üçin niýetlenen ýaşaýyş jaýynyň ýa-da öýüň bir bölegi hasap edilýär.

## 1 BÖLÜM.
## ÝAŞAÝYŞ JAÝLARYNDA WE ÝAŞAÝYŞ DÄL GURLUŞYKLARDA ÝAŞAÝYŞ JAÝLARYNYŇ UMUMY ÝAŞAÝYŞ MEÝDANY

**01-nji setirde** öýleriň, ýaşaýyş jaýlaryň, ýaşaýyş däl gurluşyklarynda ýaşaýyş jaýlarynyň şeýle-de umumy ýaşaýyş jaýlarynyň ýaşaýyş we umumy meýdany görkezilýär.

**02-nji setirde** diňe ýaşaýyş jaýlaryndaky öýler boýunça maglumatlar görkezilýär.

**03-nji setirde** diňe ýaşalmaýan binalarda (mekdeplerde, keselhanalarda, myhmanhanalarda, şypahanalarda we ş.m.) ýaşalýan jaýlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**04-nji setirde** umumy ýaşaýyş jaýlary boýunça maglumatlar berilýär. Ýörite gurlan ýa-da täzeden enjamlaşdyrylan işleýän ýa-da okaýan döwründe işçileriň we gullukçylaryň, talyplaryň we beýleki raýatlaryň ýaşamagy üçin ýek-täk order berlen ýaşaýyş jaýlaryndaky we ýaşaýyş däl gurluşyklardaky ýaşaýyş otaglary umumy ýaşaýyş jaýlary diýlip hasap edilýär. Şonuň ýaly-da çagalar öýleri, maýyplar we garrylar öýleri, mekdepleriň ýanyndaky internatlar we mekdep-internatlar hem umumy ýaşaýyş jaýlaryna degişlidir.

**05-nji setirde** ýokary amatlykly we otaglarynyň ýerleşdirilişi gowulandyrylan jaýlar barada maglumatlar gorkezilýär. Otaglarynyň ýerleşdirilişi gowulandyrylan jaýlar diýip ýokary amatlykly, dowrebap suw geçiriji, gaz, elektrik, lagym, ýylylyk tehnika ulgamlary we santehnika enjamlary, şeýle hem adamyň fiziki ýagdaýyny gowulandyrýan giňişlik-meýilnamalaşdyryş çözgütleri bilen enjamlaşdyrylan belent jaýlara düşünilýär. 05-nji setiriň

maglumatlary 02-nji setiriň maglumatlaryndan az ýa-da deň bolmalydyr (eger edara, kärhanalaryň diňe şu kategoriýadaky jaýlary bar bolsa) .

02, 03 we 04-nji setirleriň jemini sany 01-nji setiriň sanyna deň bolmalydyr. Şeýle hem, 1 sütüniň 01-nji setiriniň maglumatlary 1 sütüniň 33-njy setirine deň bolmaly.

Ýaşaýyş jaýlaryň, ýaşaýyş otaglaryň ýaşaýyş däl jaýlaryndaky, we umumy ýaşaýyş jaýlaryň umymy meýdany **1-nji sütünde** görkezilýär.

**Öýleriň ýa-da özbaşdak görnuşli jaýlaryň umumy meýdany** ýaşaýyş we goşmaça otaglaryň (aşhanalaryň, öňündäki we içindäki koridorlaryň, wannalaryň ýa-da duşlaryň, hajathanalaryň, kiçijik ammarlaryň egin-eşik arassalamak we ütüklemek üçin otag ýa-da hojalyk üçin gurlan şkaflaryň), şeýle hem monsardalaryň, mezoninleriň, terrasalaryň, eýwanlaryň we ş.m., ýylylyk geçirilen we ýaşamaga amatly bolan ýerleriň meýdanyndan kesgitlenilýär.

**Umumy ýaşaýyş jaýlarynyň umumy meýdany** ýaşaýyş otaglaryň (ýatylýan otaglaryň, hem alyş we synpdan daşary okuwlar üçin otaglaryň), goşmaça jaýlaryň (westibýullaryň, myhman otaglaryndan we umumy ýaşaýyş jaýy boýunça nobatçy üçin ýerlerden, naharhanalardan, artykmaç şahsy zatlaryny saklamak üçin, sport enjamlary, hojalyk, ýorgan - düşek goýulýan we tämizleýji enjamlary goýulýan kiçijik ammarlardan, egin-eşik arassalamak we ütüklemek üçin otag, hatarlaýyn şkaflardan, ýaşaýyş otaglaryň öňündäki otaglardan), arassaçylyk-gigiýena otaglaryndan (el-ýüz ýuwulýan otaglardan, hajathanalardan, aýallar üçin şahsy gigiýena otaglaryndan, duşlardan) medeni-hyzmat (dynç alyş, gurnak sapaklary üçin, çagalaryň gysgawagtlaýyn ýaşaýan otaglardan, umumy ýaşaýyş jaýynda ýerleşýän radio-hyzmaty otagyndan, kir ýuwulýan, geýim guradylýan we ütüklenýän otaglardan) saglygy goraýyş hyzmatlary üçin otagdan.

Çagalar öýleriniň, maýyplar we garrylar öýleriniň, mekdep internatlarynyň umumy meýdany hem şeýle kesgitlenýär.

Ýaşaýyş jaýynyň umumy meýdanyna (1-nji sütün) **girizilmeýän** meýdan:

- basgançak öýjükleriň, lift hollaryň, koridorlaryň (öýüň içindäkilerden başga), westibýullaryň, galereýalaryň, balkonlaryň, lodjyýalaryň, eýwanlaryň, mansardalaryň we mezoninleriň (ýyladylmaýanlaryň);
- çykyp duran konstruktiw elementleri we ýylydylyş peçleri ýerleşýän ýerleriň;
- aýratyn duran tomus aşhanasynyň, hammamlaryň, saraýlaryň, dalbarlaryň, ýaşaýyş däl jaýlarynda ýerleşýän ýaşaýyş jaýlara hyzmat edýän edaralar, öý dolandyryşy we beýleki jemgyýetçilik-jaý hojalygyny dolandyrýan edaralar, dükanlar, saglyk öýleri, dermanhanalar, amanat kassalary, aragatnaşyk bölümleri, çagalar edaralary, durmuş hyzmatlaryny berjaý edýän kärhanalary we ş.m. ýerleşýän ýaşaýyş däl otaglarynyň meýdany.

Umumy ýaşaýyş jaýlary, çagalar öýleri, maýyp we garrylar öýleri, internatlar ýerleşýän ýaşaýyş jaýlaryndaky komendant üçin otaglaryň, hyzmat edýän işgärler üçin otaglaryň, naharhana, garbanyşhana, klub, kitaphana, okalga zaly, sport zal otaglarynyň, ilata durmuş hyzmatlarynyň kabul ediş nokatlarynyň, dellekhanalaryň, sowda budkalarynyň, saglygy goraýyş nokatlarynyň meýdany umumy meýdana goşulmaýar.

Ýaşaýyş jaýlaryndaky öýleriň, umumy ýaşaýyş jaýlaryň we umumy ýaşaýyş jaýlaryna deňleşdirilen başga gurlan binalaryň ýaşaýyş meýdany **2-nji sütünde** görkezilýär.

Ýaşamaga degişli bolan we ýaşamaga ulanylýan ýaşaýyş otaglaryň meýdany **ýaşaýyş meýdany** diýlip hasaplanýar.

Ýaşaýyş meýdanyna ýaşaýyş öýleriň umumy ýaşaýyş jaýlarynyndaky we şolara deňleşdirilen jaýlarydaky ýaşalýan otaglaryň (umumy otaglar we ýatylýan otaglar), umumy ýaşaýyş jaýlaryndaky, çagalar öýlerindäki, maýyplar we garrylar öýlerindäki, mekdep-internatlaryndaky we ş.m., dynç alyş we synpdan daşary okuw geçilýän otaglaryň; belli bir sebäplere görä (abatlaýyş, täzeden enjamlaşdyryş) wagtlaýynça boş duran ýaşaýyş otaglaryň meýdany girýär.

Jaýyň diwarynda gurlan şkaflaryň, kömekçi jaýlaryň ýaşamak üçin niýetlenen, ýöne beýleki maksatlar üçin ulanylýan ýaşaýyş öýleriň we otaglaryň ýaşaýyş jaýlara hyzmat edýän edaralar, öý dolandyryş edaralarynyň meýdany ýaşaýyş meýdanyna girmeýär.

3, 4, 5, 6-njy sütünler diňe 02-nji setir boýunça doldurylýar.

**3-nji sütünde** täze ulanylmaga berlen jaýlardaky, şonuň ýaly-da gaýtadan göçüp barmak üçin boşadylan ozalky jaýlardaky hem göçülip barylmadyk öýleriň, otaglaryň umumy meýdany hakyndaky maglumatlar getirilýär. Hasabatyň düzülýän pursatynda bir aýyň dowamynda ýaşaýyş meýdanynyň berlendigi hakyndaky orderi bolmadyk jaýlar göçülip barylmadyk jaýlar hasap edilýär. 3- nji sütünde göçülip barylmadyk öýleriň umumy ýaşaýyş meýdany 1-nji sütünden görkezilýär.

**4-nji sütünde** täze gurulan jaýlardaky heniz göçülip barylmadyk öýleriň, otaglaryň umumy meýdany hakyndaky maglymatlar görkezilýär.

**5, 6-njy sütünlerde** heniz göçülip barylmadyk jaýlaryň meýdany görkezilýär.

Eger-de ýaşaýyş jaýynda heniz göçülip barylmadyk aýratyn ýaşaýyş otaglary bar bolsa we şol otaglarda diwar şkaflary gurlan bolsa onda olar 3, 4, 5, 6-njy sütünlerde görkezilýär. Şeýle bolanda umumy meýdan diwarda gurnalan şkaflaryň meýdanyny hem hasaba almak bilen, ýaşaýyş meýdany bolsa ony hasaba almazdan görkezilýär. 5-nji sütünde heňiz göçülip barylmadyk ýaşaýyş jaýlarynyň ýaşaýyş meýdany 2-nji sütünden görkezilýär.

## 2 BÖLÜM.
## ÝAŞAÝYŞ JAÝ GORUNYŇ ENJAMLAŞDYRYLYŞY

**06-njy setirde** ýaşaýyş jaýlarynyň meýdanlarynyň, ýaşaýyş däl jaýlaryň ýaşaýyş otaglarynyň, umumy ýatakhanalaryň we şoňa deňleşdirilen beýleki jaýlaryň, abadanlaşdyryşyň aýry-aýry görnüşleri bilen jaýlaryň ölçegi görkezilýär.

**07-nji setirde** umumy ýaşaýyş jaýlarynda we şoňa deňleşdirilen beýleki jaýlarda, abadanlaşdyryşyň aýry-aýry görnüşleri bilen üpjün edilen jaýlaryň ölçegi hakyndaky maglumatlar getirilýär.

Eger-de ýaşaýyş öýlerinde ýaşaýyş däl jaýlardaky ýaşaýyş otaglarynda, umumy ýatakhanalarda we olara deňleşdirilen jaýlarda ýaşaýyşyň ählisi däl-de diňe bir bölegi abadanlaşdyryşyň haýsydyr bir görnüşi bilen üpjün edilen bolsa, onda şu ýagdaý ýokarda görkezilen setirler boýunça görkezilýär.

Eger-de hususy ýaşaýyş öýleri esasan suw geçiriji, gaz, ýerde goýulýan poldaky elektrik plitalary bilen, aýratyň naharhanalar bilen üpjün edilen ýagdaýynda, şonuň ýaly-da abadanlaşdyryşyň şol ýa-da beýleki görnüşi wagtlaýynça işlemedik (mysal üçin abatlaýyş işleriň netijesinde) ýagdaýynda şol ýaşaýyş jaýlaryň ýaşaýyş meýdany ýokarda agzalan abadanlaşdyrmalar bilen üpjün edilen diýip hasaplanýar. Aýratyn gurlan aşhananyň meýdany ýaşaýyş jaýlarynyň meýdanyna girmeýär.

1. Eger-de öýüň içinde suw geçirijiniň bölüji ulgamy bar bolsa we sonuň üsti bilen suw geçirijiden ýa-da artezian guýydan gelýän bolsa, onda suw geçiriji bilen üpjün edilen ýaşaýyş meýdany hakyndaky maglumatlar **1-nji sütünde** getirilýär. Eger-de howluda suw bölüji kran bolup, ýöne ýaşalýan jaýa suw eltilmedik bolsa, onda şol jaýlaryň ýaşaýyş meýdany suw geçiriji bilen üpjün edilen hasap edilmeýär.

2. Eger-de jaýyn içinde hojalyk-nejasat suwlaryny köçäniň lagym ulgamyna ýa-da siňdiriji guýylara akdyrmak üçin lagym enjamlary bar bolan ýaşaýyş meýdanlary hakyndaky maglumatlar **2-nji sütünde** görkezilýär. Şunlukda lagym geçirili bilen enjamlaşdyrylan ýaşaýyş meýdany suw geçiriji bilen üpjün edilen meýdandan artyk bolmaly däldir.

3. Ýylylyk bilen üpjün ediliş çeşmesine garamazdan öýüň öz aýratyn peçinden, toparlaýyn peçlerden, birleşdirilen we etrap peçlerinden ÝEM-den, şonuň ýaly-da gaz we gaty ýangyç bilen ýyladylýan öýlerdäki suw gyzdyryjylara we özbaşdak merkezleşdirilmedik az möçberli ýyladyjy peçlerden) garamazdan, ýyladyş ulgamy bilen üpjün edilen ýaşaýyş jaýlary hakyndaky maglumatlar **3-nji sütünde** getirilýär. Şeýle hem ýaşaýyş öýleriň meýdanyna,

gurluşyk taslamasy boýunça gurnalan ýyladyş split ulgamy (jaýy sowadýan we ýyladýan häzirki zaman ulgamlar ) we başga şu görnüşli enjamlaşdyrylan öýler goşulýar. Şu sütünde gowy hilli abatlaşdyrylan jaýlar barada maglumatlary görkezmelidir.

4. **4-nji sütünde** gyzgyn suwuň beriliş usulyna garamazdan (merkezileşdirilen, ýerli suw gyzdyryjylar, gaz-odun kolonkalary), wannalar-duşlar bilen üpjün edilen ýaşaýyş meýdanlary hakyndaky maglumatlar görkezilýär.

Lagym bilen üpjün edilmedik, ýöne wannasy-duşy bolan ýaşaýyş meýdanlary abadanlaşdyryşyň şu görnüşleri bilen üpjün edilen diýip hasap edilmeýär.

5. Gaz plitalary bar bolan ýagdaýynda ýaşaýyş meýdany ulgamlaýyn gaz ýa-da suwuk gaz bilen üpjün edilýän ýaşaýyş meýdanlary hakyndaky maglumatlar **5-nji sütünde** getirilýär. Eger-de ýaşaýyş öýi (esasan hususy eýeçilikdäki öýlerde) bir adamyň däl-de, iki ýa-da köp adamyň eýeçiliginde bolsa we gaz plitasy bir bolup, ýöne onda öýleriň ähli eýeleri ulanýan bolsalar onda şol öýüň ähli ýaşaýyş meýdany gaz bilen üpjün edilen diýlip hasap edilýär.

6. Ýaşaýyş jaýlaryna ýörite suw geçirijilerden gyzgyn suw berýän enjamlar bilen üpjün edilen, gyzgyn suwuň merkezleşdirilen ulgamdan ýa-da öýleridäki suw gyzdyryjylardan kiçi ölçegli ýyladyjy peçleri hem goşmak bilen ýaşaýyş meýdany hakyndaky maglumatlar **6-njy sütünde** görkezilýär.

7. **7-nji sütünde** gurluşyk taslamasynda göz öňünde tutulan gaz üpjünçiliginiň ýok ýagdaýynda, poldaky elektrik plitalary bilen üpjün edilen ýaşaýyş meýdanlary hakyndaky maglumatlar görkezilýär.

Eger-de ýaşalýan öý (esasan hususy eýeçilige degişli öýler) bir adamyň däl-de, iki we köp adamlaryň eýeçiliginde bolsa we ýerde goýulýan bir poldaky elektrik plitasy oturdylan bolsa, ýöne ondan eýeleriň ählisi peýdalanýan bolsa, onda şol öýüň ähli ýaşaýyş meýdany poldaky elektrik plitalary bilen üpjün edilen diýlip hasap edilýär.

8. Telefon bilen üpjün edilen ýaşaýyş meýdany hakyndaky maglumatlar **8-nji sütünde** görkezilýär. Eger-de ýaşalýan öý (esasan hususy eýeçilige degişli öýler) bir adamyň däl-de iki we köp adamyň eýeçiliginde bolsa we diňe bir telefon oturydylan bolsa, ýöne şondan öýiň ähli eýeleri peýdalanýan bolsalar, onda şol öýüň ähli ýaşaýyş meýdany telefon bilen üpjün edilen diýlip hasaplanylýär.

9. **07-nji setir** boýunça umumy ýaşaýyş jaýynyň we oňa deňleşdirilen jaýlaryň ýaşaýyş meýdanlarynyň abadanlaşdyrylyşyň dürli görnüşi bilen üpjün edilişi hakyndaky maglumatlar görkezilýär. Öý görnüşindäki umumy ýaşaýyş jaýlary boýunça ýokarda görkezilen setirleriň doldurylyşynyň usulyýeti 1-8 boleklerde getirilen görkezmelere laýyk gelýär. Koridor görnüşli umumy ýaşaýyş jaýlary boýunça şu setir doldurylanda, ýaşaýyş meýdanynyň şu aşakdaky enjamlar bilen üpjün edilişi göz öňüne tutulmalydyr:

- suw geçiriji ulgamy bilen -basgançak öýjikleriniň iki tarapynda hem ýaşaýjylar üçin umumy ýuwunylýan ýer bolan otaglaryň toplumy;
- lagym ulgamy bilen - basgançak öýjükleriniň iki tarapynda hem ýaşaýjylar üçin umumy hajathanasy bolan otaglaryň toplumy;
- ýylylyk ulgamy bilen - 3 bolege seret;
- wanna-duş bilen - umumy wannasy-duşy bolan otaglaryň toplumy;
- gaz we poldaky elektrik plitalary bilen - oturdylan plitalaryň sanyna garamazdan, basgançak öýjükleriniň her tarapynda jaýyň her bir gatynda ýaşaýjylar üçin umumy aşhanasy bolan otaglaryň toplumy;
- gyzgyn suw üpjünçiligi bilen - 6 bolege seret**;**

10. **08-nji setirde** ýokary amatlykly we otaglarynyň ýerleşdirilişi gowulandyrylan jaýlarda ýaşaýyş jaý meýdanynyň abadanlaşdyryşyň dürli görnüşleri bilen enjamlaşdyrylyşy barada maglumatlar görkezilýär.

11. **09-njy setirde** ýaşaýyş jaýlaryndaky we ýaşaýyş däl gurluşlarynda (mekdepleriň, hassahanalaryň, şypahanalaryň we ş.m.) ýaşaýyş öýlerdäki we abadanlaşdyryşyň aýry-aýry görnüşleri bilen üpjün edilen şahsy ýaşaýyş jaýlaryndaky öýleriň sany görkezilýär.

Umumy ýaşaýyş jaýy hökmünde ulanylýan jaýlardaky öýler we ýaşaýyş otaglary, internatlar, çagalar öýleri, garrylar we maýyplaryň öýleri abadanlaşdyryşyň dürli görnüşleri üpjün edilen öýleriň sanyna goşulmaýar.

Içinden böleklere bölünen, beýleki ýanaşyk jaýlardan diwarsyz bölünenligi ýa-da petiklenenligi bilen tapawutlanýan, ýaşaýyş öýleri üçin zerur bolan käbir enjamlary bar bolan (aşhana, hajathana, wanna) şeýle-de köçä, howla, umumylykda peýdalanylýan koridora ýa-da basgançak öýjüklerine çykmaga özbaşdak çykalgasy bolan ýaşaýyş jaýlary abadanlaşdyryşyň ol ýa-da beýleki görnüşi bilen üpjün edilene **öý** diýlip hasap edilýär.

Aýry-aýry otaglary bolan, umumy koridora çykýan ýaşaýyş jaýlaryndaky öýler diýlip basgançak öýjükleriniň her bir tarapynda, jaýyň her bir gatynda ýaşaýjylar üçin umumy aşhanasy bolan otaglaryň toplumyna aýdylýar, eger-de şol jaýlarda maşgalalar we ekebara adamlar ýaşaýan bolsa. Iki ýa-da köp adamlaryň hususy eýeçiligine degişli bolan ýaşaýyş jaýlary abadanlaşdyrylyşyň dürli görnüşi bilen üpjün edilen bolsa, onda olar aýratyň öýler hökmünde hasaba alynýar.

12. **09.1-nji setirde** ýokary amatlykly we otaglarynyň ýerleşdirilişi gowulandyrylan jaýlarda abadanlaşdyryşyň dürli görnüşleri bilen enjamlaşdyrylan öýleriň sany görkezilýär.

13. **1-nji sütüniň** 09-njy setirinde suw geçirijisi bilen üpjün edilen öýleriň (ýa-da özbaşdak görnüşli jaýlar) sany hakyndaky maglumatlar, eger-de şonda suw geçirijiniň bölüji ulgamynda suw geçiriji kranlary otyrdylan bolmalydyr.

Aýry-aýry ýaşaýyş otaglary, öýleri bolan koridor görnüşli ýaşaýyş öý basgançak öýjükleriniň her bir tarapynda ýaşaýjylar üçin umumy ýuwunylýan enjamlarynyň toplumy degişlidir.

Suw geçirijiler bilen üpjün edilen, aýratyn duran aşhanada suw geçirijiniň bölüji ulgamynda suw geçiriji kranlary oturdylan jaýlar ýaşaýyş jaýlary (esasan raýatlaryň şahsy eýeçiligindäki) hasap edilýär.

Eger-de ýaşaýyş jaýy 2 ýa-da köp adamlaryň eýeçiliginde bolsa we suw geçiriji, erde goýulýan gaz plitasy ýa-da elektrik plitasy bilen üpjün edilen aýratyň duran aşhanasy bar bolsa we şol aşhanada öýüň eýeleriň hemmesi peýdalanýan bolsa, onda abadanlaşdyryşy ýokarda sanalyp geçilen görnüşleri bilen üpjün edilen öýleriň sany öýüň eýeleriniň sany boýunça kesgitlenilýär.

14. **2-nji sütünde** hojalyk-nejesat suwlarynyň köçedäki jemagat ýa-da siňdiriji guýulara akmagy üçin enjamlar bilen üpjün edilen öýleriň (ýa-da özbaşdak görnüşli jaýlar), jaýlaryň sany hakyndaky maglumatlar getirilýär. **Suw geçirijileri bilen üpjün edilmedik** öýler **(jaýlar) jemagat ulgamy bilen üpjün edilip bilinmez.**

Jemagat ulgamy bolan aýratyn ýaşaýyş otagly, koridor görnüşindäki ýaşaýyş jaýlary ýaşaýjylar üçin umumy basgançak öýjükleriň her bir tarapynda umumy hajathanasy bolan otaglaryn toplumy hasap edilýär.

Eger-de ýaşaýyş jaýy iki we köp eýeleriň şahsy eýeçiligine degişli bolsa, jemagat enjamlary we umumy hajathanasy bar bolsa, onda jemagat ulgamly öýleriň sany eýeleriň sany boýunça kesgitlenýär.

15. **3-nji sütünde** merkezleşdirilen ýyladyş bilen üpjün edilen öýleriň (ýa-da özbaşdak görnüşli jaýlar) sany ýylylyk bilen üpjün etmegiň çeşmelerine - jaýyň özündäki peçlere, ÝEM-ne we ş.m. garamazdan görkezilýär. Şeýle hem ýaşaýyş öýleriň meýdanyna, gurluşyk taslamasy boýunça gurnalan ýyladyş split ulgamy (jaýy sowadýan we ýyladýan häzirki zaman ulgamlar ) we başga şu görnüşli enjamlaşdyrylan öýleriň meýdany goşulýar. Şu sütünde gowy hilli abatlaşdyrylan jaýlar barada maglumatlary görkezmelidir.

Öýleriň sany 11 bölekdäki düşündirişe laýyklykda kesgitlenilýär.

16. **4-nji sütünde** gyzgyn suwuň beriliş usulyna garamazdan (merkezleşdirilen, ýa-da ýerli suw gyzdyryjylardan, gaz (odun) kolonkalaryndan berilýändigine garamazdan, wannasy-duşy bar bolan öýleriň (ýa-da özbaşdak görnüşli jaýlar) sany hakyndaky maglumatlar getirilýär.

Wannasy-duşy bar bolan aýratyň ýaşaýyş otagly, koridor görnüşindäki ýaşaýyş jaýlary umumy wannaly-duşly otaglaryň toplumy hasap edilýär.

Wannasy we duşy bolan, iki we köp eýeleriň eýeçiligindäki ýaşaýyş jaýlaryndaky wanna-duş bilen üpjün edilen öýleriň sany eýeleriniň sany boýunça kesgitlenilýär.

17. **5-nji sütünde** gaz bilen üpjün edilen öýleriň (ýa-da özbaşdak görnüşli jaýlar) sany hakyndaky maglumatlar görkezilýär. Ýerde goýulan gaz plitalary bolan gaz bilen üpjün edilen öýler (ýa-da özbaşdak görnüşli jaýlar) gazlaşdyrylan diýlip hasap edilýär.

Umumy koridora çykýan aýratyn otaglary, gazlaşdyrylan öýleri bolan koridor görnüşindäki ýaşaýyş jaýlary oturdylan plitalaryň sanyna garamazdan, basgançak öýjükleriniň her bir tarapynda jaýyň her bir gatynda ýaşaýjylar üçin umumy aşhanasy bolan otaglaryň toplumy hasap edilýär.

Eger-de ýaşaýyş jaýy 2 we köp eýeleriň eýeçiliginde bolup, degişli ýaşaýyş meýdanynda gaz plitasy bar bolsa, onda gazlaşdyrylan öýleriň sany oturdylan gaz plitalarynyň sany boýunça kesgitlenilýär. Mundan başga-da eger-de jaýyň iki we köp eýesi bar bolsa we plitalaryň diňe biri oturdylan bolsa, ýöne ol eýeleriň hemmesi tarapyndan peýdalanylýan bolsa, onda şol öý (ýa-da özbaşdak görnüşli jaý) gazlaşdyrylan diýlip hasap edilýär.

Gaz plitasy aýratyn duran aşhanasy bolan jaýlar hem gazlaşdyrylan öýler (ýa-da özbaşdak görnüşli jaýlar) hasap edilýär.

Öýleriň sany 11 bölekdäki düşündirişe laýyklykda kesgitlenilýär.

18. Merkezleşdirilen ýörite suw geçiriji boýunça gyzgyn suw bilen, şonuň ýaly-da ýerli suw gyzdyryjylar arkaly gyzgyn suw bilen üpjün edilen öýleriň (ýa-da özbaşdak görnüşli jaýlaryň) sany hakyndaky maglumatlar **6-njy sütünde** getirilýär.

19. **7-nji sütünde** gurluşyk taslamasynda göz öňünde tutulan, gaz bilen üpjünçiligi ýoklygy sebäpli poldaky elektrik plitalary bilen üpjün edilen öýleriň (ýa-da özbaşdak görnüşli jaýlaryň) sany hakyndaky maglumatlar görkezilýär.

## 3 BÖLÜM.
## ÝAŞAÝYŞ ÖÝLERIŇ (ÝA-DA ÖZBAŞDAK GÖRNÜŞLI JAÝLAR) WE OTAGLARYŇ SANY

**10-njy setirde** ýaşaýyş jaýlaryndaky öýleriň, ýaşaýyş däl gurlyşlaryndaky ýaşaýyş otaglarynyň (umumy ýaşaýyş jaýlaryna berilmedik öýlerden başga) we özbaşdak görnüşli (hususy) jaýlaryň umumy sany görkezilýär.

Öýleriň sany 11. bolekdäki düşündirişe laýyklykda kesgitlenilýär.

**11-14-nji setirlerde** ýaşaýyş otaglarynyň sanyna baglylykda (1-4 çenli we ýokary otag) ýaşaýyş öýleriň (aýratyn öýlerinde, jemagat öýlerinde) sany görkezilýär. Her sütün boýunça 11-14-nji setirleriň jemi 10-njy setire deň bolmalydyr.

**15-nji setirde** ýokary amatlykly we otaglarynyň ýerleşdirilişi gowulandyrylan jaýlarda öýleriň sany gökezilýär.

**16-njy setirde** jemagat öýleriň sany (jemagat öýi diýip iki ýa-da ondan köp öýi kreýine alyp ýa-da eýeçiligi bolan, ýagny bir öýe iki ýa-da ondan köp şahsy hasaby bolanlar) görkezilýär.

**17-nji setirde** raýatlaryň hususy eýeçiliginde duran hususy öýleriň sany görkezilýär. 17-nji setirden köpöýli jaýlarda hususy öýler aýry görkezilýär, hususylaşdyrylan (**17.1-nji setir**) we özbaşdak görnüşli (**17.2-nji setirler**) hususy jaýlarlary goşulýar.
17.1-nji we 17.2-nji setirleriň jemleri her sütün boýunça 17-nji setire deň bolmaly.

## 4 BÖLÜM.
## ÝYL BOÝUNÇA ÝAŞAÝYŞ JAÝ GORUNYŇ HEREKETI

**18-nji setirde** hasabat ýylynyň başyna ýaşaýyş däl gurluşlarynda ýaşaýyş jaýlarynyň we ýaşaýyş otaglarynyň umumy meýdany görkezilýär.

18-nji setiriň maglumatlary geçen ýylky hasabatyň 33-njy setiriniň maglumatyna laýyk gelmeli.

**19-njy setirde** bir ýylda umumy meýdanyň köpelen möçberi görkezilýär. Onuň sanyna ýaşaýyş däl jaýlary ýaşaýyş jaýlaryna öwürmek üçin alnyp barylýan täze gurluşyklar, döwletiň merkezileşdirilen düýpli maýa goýumlarynyň hasabyna we oba ilatynyň şäher ilatyna öwrülmeginiň we tersine öwrülmeginiň hasabyna kärhanalaryň durmuş taýdan ösüş gaznalarynyň hasabyna esasy tehniki-ykdysady görkezijilerini üýtgetmek bilen ýaşaýyş jaýlarynyň durkuny özgertmek, oba ýa-da şäher ilatynyň sepgitlerini üýtgetmek, eýeçilik etmek hukuklarynyň guramalaryň we edaralaryň bir toparyndan beýleki toparyna geçirilmegi pudaklaýyn ýaşaýyş jaý gorunyň degişliligini üýtgetmek (býujet guramalaryndan hojalyk hasaplaşygyna geçilmegi ýa-da jemgyýetçilik ýaşaýyş jaý gorundan döwlet goruna geçilmegi we tersine - döwlet we jemgyýetçilik ýaşaýyş jaý gorundan şahsy jaýa öwrülmegi we tersine) hem goşulýar. Görkezilen setirde ýaşaýyş jaý gaznasynyň tükelleýiş işi netijesinde ýüze çykarylan, öň hasaba alynmadyk we ýalňyşlyk goýberilen umumy ýaşaýyş meýdanynyň maglumatlary görkezilýär. Ondan başga-da şu setirde ilatyň satyn alan öýleriniň umumy meýdany hakyndaky maglumatlar hem görkezilýär.

19-njy setiriň maglumatlary 20, 21, 22, 23, 24-nji setirleriň maglumatlarynyň jemine deň bolmaly.

**20-nji setirde** täze gurluşyklaryň, ozal bar bolan ýaşaýyş jaýlarynda amala aşyrylan goşmaça gurluşyklar, şonuň ýaly-da tehniki-ykdysady görkezijilerini üýtgetmek bilen ýaşaýyş jaýlarynyň durkuny üýtgetmek netijesinde peyda bolan jaýlaryň umumy meýdany hakyndaky maglumatlar görkezilýär.

**21-nji setirde** häkimlikleriň kärhanalardan, guramalardan we edaralardan kabul edip alan ýaşaýyş jaýlarynyň, kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň degişliliginiň üýtgetme (býujetdäkileriň hojalyk hasaplaşygyna geçmegi we tersine, ýaşaýyş jaý gorunyň degişliliginiň üýtgetmegi jemgýetçilikden döwlete geçmegi we tersine, döwlet we jemgýetçilikden şahsy eýeçilige geçilmegi we tersine) umumy meýdany hakyndaky maglumatlar görkezilýär, şeýle hem ilatdan satyn alnany.

**22-nji setirde** gaýtadan enjamlaşdyrylan ýaşalmaýan jaýlaryň maglumatlary görkezilýär.

Käbir sebäplere görä ýaşaýyş jaýlaryň goşulmagy **23-nji setirde** görkezilýär. Mysal üçin, administratiw-territorial üýtgeşmeleriň netijesinde (oba ýerleriniň şäher ýerlerine geçmegi we tersine, şäher we oba ýerleriniň çäkleriniň üýtgemegi).

**24-nji setirde** geçen hasabat döwründe hasaba alynmadyk we tükelleýişi geçirmegiň gidişinde ýüze çykarylan, şonuň ýaly-da ýaşaýyş jaý gorunyň çäkler boýunça nädogry hasaba almagyny netijesinde (oba ýerleri şäher ýerleri hökmünde hasaba alnypdyr) we beýleki sebäpler boýunça ýüze çykarylan umumy ýaşaýyş jaýlaryň meýdany görkezilýär.

**25-nji setirde** ýylyň dowamynda ýaşaýyş jaý gorundan çykarylan umumy ýaşaýyş meýdany hakyndaky maglumatlar getirilýär. Onuň mukdaryna ýaşaýyş jaýlarynyň ýaşaýyş jaý däl jaýlara öwrülmegi, tebigy betbagtçylyk netijesinde çagşan we zeper ýeten jaýlaryň ýykylmagy, täze gurluşyklar üçin alynmagy, şäher ilatynyň oba ilatyna öwrülmegi we tersine, şol şäher we oba ilatynyň tapawudynyň üýtgemegi, kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň bir toparynda beýleki topara berilmegi kärhanalaryň bir eýeçilik görnüşünden beýleki eýeçilik görnüşine geçmegi (býujet kärhanalary hojalyk hasaplaşyk kärhanalaryna öwrülýär we tersine), ýaşaýyş jaý gory boýunça eýeçelik görnüşüniň üýtgemegi (jemgyýetçilik ýaşaýyş jaý

gorundan döwlet jaý goruna geçmegi we tersine), raýatlaryň ýaşaýyş jaýlary satyn almagy (şahsy eýeçilik hukugynda) maglumtlar getirilýär.

25-nji setiriň maglumatlary 26, 27, 28, 29, 30, 31, 32-nji setirleriň maglumatlarynyň jemine deň bolmaly.

**26-njy setirde** çagşan jaýlaryň (70%-i gowragy könelen kerpiç jaýlar, 65 %-i könelen agaç we beýleki jaýlar) we resminamalar esasynda hasabat döwründe ýok edilen çagşan jaýlaryň umumy meýdanynyň ölçegi görkezilýär.

Çagşan jaýlar ygtyýarly toparlar tarapyndan bellenilen tertipde kesgitlenilýär, şeýle jaýlara şu aşakdakylar degişlidir:

-GKwD laýyklykda gurluşygy gadagan edilen senagat kärhanalarynyň, ulag inženerçilik ulgamlarynyň we beýleki aýratyn şertlerdäki arassaçylyk- gorag, ýangyn-partlaýyş howpy bolan zonalaryň çäklerinde ýerleşýän jaýlar;

- gurluşyga hem-de jaýlaryň ulanylmagyna howp salyp biljek kenar süýşgünleriniň, suw silleriniň gar harçaňlarynyň zolanlarynda; her ýylda sil suwlarynyň basýan çäklerinde ýerleşýän jaýlar;

- topragyň çökmegi we beýleki hadysalaryň netijesinde zeper ýeten ýaşaýyş jaýlaryny (eger-de şol jaýlara ýeten zeperler gurluşygyň we ulanyşyň aýratyn şertlerindäki ýaşaýyş jaýlary boýunça GKweD-niň talaplary boýunça şol wagtyň özünde düýpli dikeldilip bilinmeýän bolsa);

- ähli durmuş heläkçiliklerinden şol sanda ýangyndan soňra dikeldiş işlerini geçirmeklik tehniki taýdan mümkin bolmasa ýa-da ykdysady taýdan maksada laýyk bolmadyk ýagdaýynda.

Könelen, heläkçilige uçran ýaşaýyş jaý gorunyň yok edilmegi diýlip şol ýaşaýyş meýdanynyň ýaşaýyş jaý gorunyň düzüminden çykarylmagyna we şol jaýlardaky ýaşaýan ilatyň abadanlaşdyrylan öýlere (ýa-da jaýlara) göçürilmegine düşünilmelidir.

Ilatyň çagşan ýa-da zeper ýeten ýaşaýyş jaý gorundan bölekleýin ýa-da doly göçürmek hakyndaky karar we boşadylan ýaşaýyş meýdanlaryny täze ýaşaýyş jaý gory hökmünde başga maksatlar üçin peýdalanmak boýunça kabul edilen halatynda (durkuny üýtgetmek bilen düýpli abatlandyryşdan soňra) görkezilen ýaşaýyş meýdany hasabatda ýok edilen hökmünde görkezilýär.

Eger-de durkuny üýtgetmek boýunça ýykylmaga degişli bolan kwartallardaky (ilatly nokatlardaky) jaýlar könelen ýa-da zeper ýeten diýilip ykrar edilen bolsa we kabul edilen karar esasynda şol kwartalyň durkunyň özgerdilmegine garamazdan hasabat ýylynda ýykylmaga degişli bolsa, onda şeýle jaýlaryň umumy meýdanyny ölçegi “çagşanlygy üçin” diýlip (“durkuny üýtgetmek üçin” diýen setirde däl) setirde görkezilýär.

Tebigy betbagtçylyklaryň, ýer titremeginiň, ýangynlaryň we heläkçilikleriň (durmuş heläkçiliklerinden başga), topragyň çökmegi, kenar ýakalarynyň süýşmegi, sil suwlarynyň basmagy we gar harsanlarynyň akymy we fiziki-geografiki hadysalar hem-de çäkleriň şertleri bilen baglanyşykly beýleki hadysalaryň netijesinde ýykylan ýa-da zyýan çeken ýaşaýyş jaýlarynyň umumy meýdany hakyndaky maglumatlar **27-nji setirde** görkezilýär.

**28-nji setirde** ýaşaýyş jaýlaryň ýaşaýyş däl jaýlara öwrülmegi bilen baglylykda hatardan çykan umumy ýaşaýyş meýdanlary hakyndaky maglumatlar görkezilýär. Çagşan we heläk bolan, ýaşaýyş däl jaýlara öwrülen ýaşaýyş jaýlarynyň umumy meýdany şu setirde hasaba alynmaýar. Şeýle jaýlar hakyndaky maglumatlar 26-njy setirde hasaba alynýar.

Baş meýlnamalaryň rugsat bermegine laýyklykda, ilatly nokatlaryň durkuny üýtgetmekde we gurmak üçin, şonuň ýaly-da ýaşaýyş jaýlarynda ýa-da beýleki maksatly binalary gurmaga şol ýerleriň berlendigine, ýa-da berilmändigine garamazdan, täze gurluşyklar üçin ýerleriň bölünip berilmegi bilen baglanyşykly baş meýlnamada görkezilmedik hem bolsa ýykylan ýaşaýyş jaýlarynyň umumy meýdany hakyndaky maglumatlar **29-njy setirde** getirilýär.

Käbir sebäplere görä ýaşaýyş jaýlaryň azalmagy **30-njy setirde** görkezilýär. Mysal üçin, administratiw-territorial üýtgeşmeleriň netijesinde (oba ýerleriniň şäher ýerlerine geçmegi we tersine, şäher we oba ýerleriniň çäkleriniň üýtgemegi).

**31-nji setirde** bir kärhanadan, guramadan, edaradan beýleki kärhanalara, guramalara, edaralara berilmegi bilen baglanyşykly hasapdan çykarylan ýaşaýyş jaýlarynyň umumy meýdany hakyndaky maglumatlar getirilýär.

Bu setirde kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň bir eýeçilige (büdjetden hojalyk hasaplaşygyna we tersine, jemgyýetçilik ýaşaýyş jaý gorunyň döwlet goruna we tersine, döwlet ýa-da jemgyetçilik eýeçiliginden şahsy eýeçiligine we tersine) geçmegi bilen baglylykda hasapdan çykarylan ýaşaýyş meýdanlary hakyndaky maglumatlar hasaba alynýar. Mundan başga-da, şu setirde ilata satylan öýleriň umumy meýdany hakyndaky maglumatlar hem getirilýär.

Döwlet, jemgyýetçilik ýaşaýyş jaý gorundan ilata satylan öýler (jaýlar) boýunça №1 - (ýaşaýyş jaý gory) forma boýunça hasabat TIB-niň edaralary tarapyndan düzülýär şeýle bolanda ýaşaýyş jaýy tutuşlygyna ýa-da azyndan ýarsy şahsy eýeçiligine satylan bolmalydyr, eger-de ýaşaýyş jaýynyň ýarsyndan az bolan bölegi şahsy eýeçiligine satylan bolsa, onda hasabat şol ýaşaýyş jaý gorunyň degişli bolan gurama tarapyndan ýazylýar. №1 (ýaşaýyş jaý gory) forma boýunça hasabat döwlet we jemgyýetçilik ýaşaýyş jaý gorunyň galan bölegine we raýatlaryň şahsy eýeçiligine satylan bölegine iki nusgada düzülýär. Döwlet we jemgyýetçilik ýaşaýyş jaý gorunyň hasabatynda 25-nji we 31-nji setirler doldurylýar, raýatlaryň şahsy eýeçiligindäki ýaşaýyş jaý gory üçin bolsa 19-njy we 21-nji setirler doldurylýar.

**32-nji setirde** geçen hasabat döwründe hasaba alynmadyk we tükelleýiş işleriniň gidişinde ýüze çykarylan, şonyň ýaly-da ýaşaýyş jaý gorunyň çäk boýunça nädogry hasabyň ýöredilmegi netijesinde (şäher ýerleri oba ýerleri hökmiünde hasaba alnypdyr we tersine) we beýleki sebäpleriň (ýalňyşlyklar, ýoýmalar we ş.m.) esasynda ýüze çykan umumy ýaşaýyş meýdany hakyndaky maglumatlar getirilýär.

Hasabat ýylynyň ahyryna bar bolan umumy meýdanyň we öýleriň sany (ýa-da özbaşdak ýaşaýyş jaýlaryň) maglumatlary **33-nji setirde** görkezilýär. Bu setiriň maglumatlary 18-nji we 19-njy setiriň jemini çykarma ýoly bilen anyklanýar, 25-nji setiriň maglumatlaryny hasaba almanyňda.

## 5 BÖLÜM.
## ÝAŞAÝYŞ JAÝ GORUNYŇ DÜÝPLI ABATLANDYRYŞY

**34-nji setirde** düýpli abatlandyrylan ýaşaýyş jaýlarynyň umumy meýdanynyň ölçegi hakyndaky maglumatlar getirilýär. Şol jaýlar öýleriň umumy meýdany hökmünde (ýaşaýyş we goşmaça jaýlaryň, öýleriň, eýwanlaryň, jaýyň diwarlarynda gurlan şkaflaryň, şonuň ýaly-da lodžiýalaryň, balkonlaryň we terrasalaryň umumy meýdanynyň jemi) hökmünde kesgitlenilýär. Bu setirde westibýullaryň, tamburlaryň, basganҫak öýjükleriň, lift-hollaryň, koridorlaryň (öýüň içindäkilerden başga) meýdany, jaýlaryň daşyndan gurlan we goşmaça gurlan jaýlaryň, şonuň ýaly-da ýaşaýyş üçin niýetlenmedik aýratyn duran jaýlaryň meýdany bu setire goşulmaýar.

**35-nji setirde** ýaşaýyş jaýlaryny abatlandyrmak üçin taslama-smeta resminamalary taýýarlananda düzülýän öýler - otaglar boýunça geçirilen ýazgylaryň esasynda öýlerdäki (ýaşaýyş kömekçi öýler we ş.m.), abatlandyrylan otaglaryň umumy meýdany görkezilýär. Bu setire abatlandyrylmadyk öýler goşulmaýar.

**36-njy setirde** umumy harajatlaryň möçberi hakyndaky maglumatlar getirilýär. Umumy harajatlar abatlandyryş-gurluşyk işleriniň gymmatyndan, sargytçynyň tehniki we awtorlyk gözegçiligine, taslama-smeta resminamasyna, abatlandyryş döwründe göçüp gidýän raýatlaryň emlägini daşamaga edýän harajatlaryndan öwezini doldurmaklyga we

abatlandyryş-gurluşyk işleriniň möçberine girmeýän eýleki çykdajylardan (sargytçynyň ibermäge borjy bolan enjamlaryny satyn almagy, kanun tarapyndan göz öňüne tutulan düýpli goýumlary maliýeleşdirmäge düýpli abatlandyryş serişdelerine puluň goýberilmegini goşmak bilen), esasy gaznalary we ösdürmäge we dolanyşyk serişdeleriniň üstüni doldurmaga goýberilen pullardan emele gelýär.

## 6 BÖLÜM.
## KÖNELEN WE ÇAGŞAN JAÝLAR

Bu bölümde hasabat ýylynyň ahyryna bar bolan könelen we çagşan ýaşaýyş jaý gory barada maglumatlar berilýär. Könelen we çagşan ýaşaýyş jaý gorlary, ýaşaýyş jaýyna laýyk gelmeýän we pudagara komissiýanyň kararyna esaslanyp kanun tarapyndan bellenilen tertipde ýykyljak ýaşaýyş jaý gory bolup durýar. **37-nji setirde** köneleşen we çagşan binalar (jaýlar)sany görkezilýär, şolardan 38- nji setirde köpöýli ýaşaýyş jaýlar kesgitlenilýär.

**39-njy setirde** könelen we çagşan jaýlaryň umumy meýdany barada maglumat berilýär, şolardan 40-njy setirde köpöýli ýaşaýyş jaýlar kesgitlenilýär.

**41-nji setirde** könelen we çagşan jaýlarda ýaşaýanlaryň sany görkezilýär, şolardan 42-nji setirde köpöýli ýaşaýyş jaýlar.

## 7 BÖLÜM.
## GÜWÄNAMA

"Güwänama" diýen bölüminde zir-zibil äkidiji liftler bilen üpjün edilen ýaşaýyş jaýlarynyň, ýaşaýyş öýleriň sany hakyndaky, liftleriň we satylan öýleriň sany (ýa-da şahsy jaýlaryň) olaryň umumy meýdany we gymmaty hakyndaky maglumatlary getirilýär.

**43-nji setirde** ýaşaýyş jaýlarynyň (arzan bahaly galereýa, myhmanhana görnüşindäki, az sanly maşgalalar üçin jaýlary hem goşmak bilen öý we koridor görnüşli jaýlaryň), şonuň ýaly-da umumy ýaşaýyş jaýlary, internatlar, garrylar we maýyplar öýleri çagalar öýleri üçin ulanylýan jaýlaryň, sany görkezilýär.

Uzak möhletleýin ulanmaga niýetlenilen hemişelik görnüşli jaýlar ýaşaýyş jaý hökmünde hasaba alynýar.

Gurnama-şit we karkas-gömme ýaşaýyş jaýlar arzan bahaly jaýlar hasap edilýar. Ýaşaýyş jaýlarynyň hasaba alnyşy eýeleriň sanyna garamazdan, şol jaýlaryň mukdary boýunça amala aşyrylýar.

Mähellelerde ýa-da beýleki gurluşyk meýdanlarynda gurlan döwlet, jemgyýetçilik gorunyň, ýaşaýyş-jaý gurluşyk kooperatiwleriň gorunyň jaýlary (aýratyn bölünip berilmedik) özbaşdak binalar hökmünde hasaba alynýar.

Eger-de şol ýerde raýatlaryň şahsy eýeçiligine degişli 2 ýa-da köp ýaşaýyş jaýlary duran bolsa, onda şeýle jaýlaryň töweregindäki goşmaça gurluşyklary bilen (ýeriň meýdany ýeterlik ýagdaýynda) özbaşdak jaý hökmünde meýdany bölüp bermek we köçeler, gysga köçeler meýdanlar boýunça aýratyn belgilemek bilen öý eýeçiliginiň düzüminden çykarmak bolar.

43-njy setiriň maglumatlary 44.1-nji setirden 44.6-njy setirleriň jemine deň bolmaly.

**43.1-nji setirde**, ýokary amatlykly we otaglarynyň ýerleşdirilişi gowulandyrylan ýaşaýyş jaýlarynyň sany görkezilýär. Ýokary amatlykly we otaglarynyň ýerleşdirilişi gowulandyrylan jaýlar boýunça kesgitleme 1 bolüminde berilýär.

**44-nji setirde** kärhanalaryň we edaralaryň umumy (işçiler, maşgala) ýaşaýyş jaýyna berilen binalaryň, okuw jaýy (ýokary we orta hünär taýýarlygy), çagalar öýleri, mekdep-internatlary, gartaşan adamlar üçin öýler görkezilýär.

**44.1-44.6-njy setirlerde** (43-nji setirden) gatlary boýunça ýaşaýyş jaýlaryň sany hakyndaky maglumatlar getirilýär. Ýaşaýyş jaýlarynyň gatlary ýeriň üstündäki gatlaryň sany boýunça kesgitlenilmelidir. Jaýlaryň gatlary kesgitlenende ýeriň üstündäki gatlaryň sanyna

sokol gaty, ýeger-de sokol gatynyň üçegi ýanýodanyň derejesinden azyndan 2 metr beýgelýän bolsa hem goşulýar.

**45-nji setirde** 5 we ondan köp gatly binalardan (44.4+44.5+44.6 setirler), zir-zibilleri äkidiji bilen üpjün edilen, **46-njy setirde** bolsa liftler bilen üpjün edilen ýaşaýyş jaýlaryň sany görkezilýär.

**47-nji setirde** adam gatnatmak we ýük daşamak üçin ulanylýan liftleriň sany hakyndaky maglumatlar getirilýär.

**48-nji setirde** hasabat ýylynda şäher, welaýat we etrap häkimlikleriniň, kärhanalaryň, birleşikleriň we guramalaryň raýatlaryň şahsy eýeçiligine satylan şahsy görnüşli öýleriň (ýa-da özbaşdak görnüşli jaýlaryň), şonuň ýaly-da durkuny täzelemäge ýa-da düýpli abatlandyryşa degişli jaýlaryň sany hakyndaky maglumatlar görkezilýär. Bu setirde täze gurlan jaýlardaky öýler, şahsy eýeçiligine satyn alan raýatlar göçüp baranlaryndan soňra hasaba alynýar.

**49-njy setirde** satylan öýleriň (ýa-da özbaşdak görnüşli jaýlaryň) umumy meýdany hakyndaky maglumatlar getirilýär.

**50-nji setirde** satylan öýleriň (ýa-da özbaşdak görnüşli jaýlaryň) gymmatynyň töleniş möhletine garamazdan, olaryň gymmaty hakyndaky maglumatlar görkezilýär.

**51-nji setirde** hasabat ýylynda ynda satyn alnan öýleriň (ýa-da özbaşdak görnüşli jaýlaryň) gymmatynyň tölenişi hakyndaky maglumatlar getirilýär. Eger-de öýleriň (ýa-da özbaşdak görnüşli jaýlaryň) gymmatynyň tölenişi gijä galýan bolsa, onda 50-njy setirde satyn alnan öýüň gymmatynyň tölegine degişli serişdeleriň ählisi, 51-nji setirde bolsa ilki başdaky tölegler görkezilýär.

**52-56-njy setirlerde** bir ýylda döwlet we jemgyýetçilik ýaşaýyş jaý gorunyň jaýlaryndaky hususylaşdyrylan öýler hakyndaky maglumatlar getirilýär. Hususylaşdyrylyşa raýatlaryň ýaşaýan jaýlary we öýleri, şonuň ýaly-da täze gurulýan jaýlardaky öýler degişlidir.

Ýaşaýyş jaýlarynyň göni (salgyly) berilmegi görnüşinde muzdsuz we satyn alynmagy görnüşinde hususylaşdyrylmagyny amala aşyrýan ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary we Geňeşler; Ýaşaýyş jaýlarynyň bäsleşikli söwda arkaly hususylaşdyrylmagyny amala aşyrýan döwlet edaralary tarapyndan düzülýär.

Kepillendiriş tertibinde tassyklanylan we bellenilen tertipde bellige alnan şertnamalar: ýaşaýyş jaýyny muzdsuz göni (salgyly) bermek barada, ýaşaýyş jaýyny satyn almak hakynda, ýaşaýyş jaýyny bäsleşikli söwda arkaly satyn almak-satmak barada ýa-da hususylaşdyrylan ýaşaýyş jaýyna eýeçilik hukugy hakynda Şahadatnamalar hasabaty doldurmak üçin esas bolup durýarlar.

Esasy düşünjeler ("Döwlet ýaşaýyş jaý gaznasynyň ýaşaýyş jaýlarynyň hususylaşdyrylmagy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda):

Döwlet ýaşaýyş jaý gaznasynyň ýaşaýyş jaýlaryny hususylaşdyrmak - döwlet ýaşaýyş jaý gaznasynyň ýaşaýyş jaýlarynyň hususylaşdyrmagyň subýektleriniň eýeçiligine muzdsuz ýa-da muzdly berilmegidir.

Türkmenistanyň raýatlary, Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan raýatlygy bolmadyk adamlar ýaşaýyş jaýlaryny hususylaşdyrmagyň subýektleri bolup durýarlar.

Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary we Geňeşler ýaşaýyş jaýlarynyň göni (salgyly) berilmegi görnüşinde muzdsuz we satyn alynmagy görnüşinde hususylaşdyrylmagyny amala aşyrýan edaralar bolup durýarlar.

Ýaşaýyş jaýlarynyň bäsleşikli söwda arkaly hususylaşdyrylmagynyň guralmagy we geçirilmegi bäsleşikli söwdany geçirmek boýunça döwlet edarasy tarapyndan amala aşyrylýar.

**57-nji setirde** aýratyn orunly umumy ýaşaýyş jaýlarynyň ulanyşy bilen baglanyşykly degişli girdejileri, jemagat hyzmatlary we öý töleglerini hem goşmak bilen hasabat berýän kärhanalaryň (guramalaryň) ýaşaýyş jaý gorunyň ulanmakdan alan girdejileri görkezilýär.

Şeýle hem bu ýerde ýokary amatlykly we otaglarynyň ýerleşdirilişi gowulandyrylan jaýlarda umumy jaýlaryň zerurlyklary goşulýar.(mysal üçin liftleriň işleýşiniň gözegçiligi we olaryň abatlaşdyrylyşy, jaýyň içinde umumy peýdalanylýan meýdanyň arassalanmagy, awtoduralgalaryň we jaýyň goragy we ş.m.). Bu setirde aýratyn orunly umumy ýaşaýyş jaýlary üçin ulanylýan ýaşaýyş meýdanynyň öý tölegleri goşulmaýar.

**58-nji setirde** jemagat hyzmatlarynyň tölegleri boýunça maksatly ýygymlaryň jemi hasaba alynmazdan kireýine ýaşaýanlaryň ýaşaýyş meýdany üçin tölemeli hasaplanylan öý tölegleriniň jemi (hereket edýän kanunlara laýyklykda ýeňillikleri we goşmaça tölegleri hasaba almak bilen, jerime töleglerini hasaba almazdan) görkezilýär. Bu setirde aýratyn orunly umumy ýaşaýyş jaýlary üçin ulanylýan ýaşaýyş meýdanynyň öý tölegleri goşulmaýar.

**59-njy setirde** hasabat berýän kärhananyň (guramanyň) ýaşaýyş jaý goruny ulanmak boýunça çykdajylary hakyndaky maglumatlar getirilýär, muňa aýratyn orunly umumy ýaşaýyş jaýlaryna ulanmak bilen baglanyşykly çykdajylar hem goşulýar.

**60-njy setirde** hasabat ýylynda umumy ýaşaýyş jaýlarynda ýaşaýanlaryň ählisine düşýän girdejileriň umumy jemi görkezilýar. Girdejiniň jemine ýaşaýyş meýdanyna, jemagat-hyzmatlary we durmuş hyzmatyna tölegler girýär.

Eger-de kärhana aýratyn orunly umumy ýaşaýyş jaýyny mugt berýän bolsa, onda 60-njy setir doldurylmaýar. 60-njy setirde şertnama boýunça beýleki kärhanalara, guramalara we edaralara tölegli ulanmaga berlen orunlardan gelen girdejiler görkezilmeli däldir.

Beýleki kärhanalardan, guramalardan we edaralardan ulanylmaga berilen orunlary saklamak üçin gelen pul serişdeleri umumy ýaşaýyş jaýyny saklamak boýunça çykdajylary azaltmaga gönükdirilýär.

**№1 - ÝAŞAÝYŞ JAÝ GORY FORMA BOÝUNÇA GÖRKEZIJILERE GÖZEGÇILIK ETMEK**

Hasabat doldurulandan soňra, oňa arifmetiki we logiki gözegçilik amala aşyrylýr.

02, 03 we 04-nji setirlerdäki maglumatlaryň jemi 01 setiriň maglumatlaryna deňdir. Şeýle hem, 1 sütüniň 01-nji setiriniň maglumatlary 1 sütüniň 33-njy setirine deň bolmaly.

1-7-nji sütünler boýunça 06-njy setiriň maglumatlary 2-nji sütüniň 01-nji setiriň maglumatlaryna deň ýa-da olardan az bolup biler. Bu ýagdaý abadanlaşdyryşyň ol ýa-da beýleki görnüşleri bilen üpjün edilmedik ýaşaýyş meýdanlaryň hasabyna şeýle bolýar.

1-7-nji sütünler boýunça 07-nji setiriň maglumatlary 2-nji sütüniň 03-nji setiriň maglumatlaryna deň ýa-da olardan az bolup biler.

1-7-nji sütünlerdäki 08-njy setiriň maglumatlary 2-nji sütüniň 04-nji setirdäki maglumatlara deň ýa-da olardan az bolup biler. Munuň özi abadanlaşdyryşyň käbir görnüşleri bilen üpjün edilmedik öýleriň hasabyna şeýle bolýar.

1-7-nji sütünlerdäki 09-njy setiriň maglumatlary 1-nji sütüniň 10-njy setirdäki maglumatlara deň ýa-da olardan az bolup biler. Munuň özi abadanlaşdyryşyň käbir görnüşleri bilen üpjün edilmedik öýleriň hasabyna şeýle bolýar.

1-7-nji sütünlerdäki 09.1-nji setiriň maglumatlary 1-nji sütüniň 15-nji setirdäki maglumatlara deň ýa-da olardan az bolup biler. Munuň özi abadanlaşdyryşyň käbir görnüşleri bilen üpjün edilmedik öýleriň hasabyna şeýle bolýar.

19-njy setiriň maglumatlary 20, 21, 22, 23, 24-njy setirleriň maglumatlarynyň jemine deň bolmaly.

25-nji setiriň maglumatlary 26, 27, 28, 29, 30, 31, 32-nji setirleriň maglumatlarynyň jemine deň bolmalydyr.

33-njy setiriň maglumatlary 18-nji we 19-njy setiriň jemini çykarma ýoly bilen anyklanýar, 25 setiriň maglumatlaryny hasaba almanyňda.

57-nji setiriň maglumatlary 58-nji setiriň maglumatlaryna deň ýa-da olardan köp bolmalydyr, çünki öýüň tölegi girdejileriň umumy jemine girýär.

Hasabatyň ähli görkezijileri, maliýe görkezijilerinden beýlekileri bitin sanlarda görkezilýär, bir onluk belgide getirilenleri.

**Durmuş statistikasy müdirligi**